# Herkaýan gitdi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Herkaýan gitdi HERKAÝAN GITDI



Üstümizden düşdi duşman ýygyny,
Bugdaýy otaryp herkaýan gitdi.
Pul diýip her tarap sylar bygyny,
Bäş ýüz tylla alyp betgüman gitdi.
On ak öýli aldy, onusam Rüstem,
Olar ne Rüstemdir, bir-birden üstem.
Agalar, şu derde beýhudam, sustam,
Sust eýlemäň, jeset gitdi, jan gitdi.

Owwal ýat eýleýip Hakyň adyny,
Özi bersin her kimsäniň dadyny.
Beýan etsem onusynyň adyny,
Owwal bäş oglandan nam-nyşan gitdi.

Alyhan beg ganym läşini seren,
Pirmämmet kethuda märeke gören,
Ymamberdi aga maslahat beren,

Akylly, kemally, horadan gitdi.

Ysmaýyl işandyr derýa göwheri,
Seýit özem, seýitleriň serweri,
Orazmämmet dagyň şiri, aždary,
Gözlerinden ýaş yerine gan gitdi.

Kethuda ogludy ol Rejepguly,
Ummatnazar – atasynyň bilbili,
Garaoglan neresse bakjanyň güli,
Boýnun burup, zary-perişan gitdi.

Dosmämmet diýer nowhany baglap,
Gardaşyn ugradyp, jigerin daglap,
Il-uluslar tamam zary-zar aglap,
Il gerekli sütün Mämiş han gitdi.

DOSMÄMMET Goşgular